# Adam hakda oýlanma

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Adam hakda oýlanma ADAM HAKDA OÝLANMA

Dolduryp durmuşyñ ömür boşlugyn,
Ýakyn eder kyn ýollaryñ daşlygyn;
Çagalykdan saýlan juwan ýaşlygyñ
Gülüdir Adam.

Baýlygy eý görüp nije ýürekden,
Kösenmänsoñ dürli-dümen hörekden,
Artyk boljak bolup birek-birekden.
«Uludyr Adam».

Soramasa bir-biregiñ ahwalyn,
Gaýtalap bilmese atalañ ýolun,
Ajy-süýji paýlap beren ykbalyñ
Guludyr Adam.

Şeri goltugyndan göteren güni,
Ýalany apalap oturan güni,
Ynsan mertebesin ýitiren güni
Ölüdir Adam.

Aýnäzik HOJAGULYÝEWA. Goşgular